# Ene möjek ýa-da gara çägäniñ jadysy / hekaýa

Category: Kitapcy,Taryhy proza
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ene möjek ýa-da gara çägäniñ jadysy / hekaýa ENE MÖJEK ÝA-DA GARA ÇÄGÄNIÑ JADYSY

Gündiziň aýylganç howry biraz sowlup, salkyn aralaşdy, Ýagmyr aga gabarçakly gataňsy ellerine köne endigine görä tüýkürip, kätmenini eline aldy. Ol köp sanly agtyklary üçin ýetişdirýän gawun-garpyz pellerinde işlemegi gowy görýärdi.
Ýaşynyň bir çene barandygyna garamazdan, bu iş oňa agyr düşmeýärdi, gaýtam lezzet berýärdi. Ýöne oňa agyr düşýän başga bir zat bardy- ömründe bolup geçen käbir pursatlary ýatlamak goja agyr düşýärdi. Ýöne şol pursatlar barasynda hiç kime hiç haçan gürrüň bermändi. Muňa garamazdan şol wakalar dürli öwüşginlerde, ähli jikme-jigi, tutuş janlylygy, durky bilen kinoflьм ýaly bolup, alabeder ýaglyk daňlan kellesinde, aňynda gaýtalanýardy.

***

Sekiz ýaşlar töweregi, heniz oglanjyk wagty Ýagmyr ýerli ilatyň at berşi ýaly gara çägelikden geçip barýardy. Olaryň Was obasynda mekdep ýokdy. Iň ýakyn mekdep iki sagat ýöreseň baryp bolýan Porsy obasynda bardy. Oňa iki sagatda çägelikden gönüläp gitseň baryp bolýardy. Oglanjyk şol ýoldan mekdebe gatnaýardy.
Oglanjyk her gün deňinden geçýän egri, gyşaryp oturan ojarynyň ýanynda bahar gününiň howruna biraz gyzan çägä çökdi. Onuň öň iki dosty bardy. Olar hut şu ýol bilen öýlerinden mekdebe, mekdepdenem öýlerine bile   gatnaýardylar. Hut şu sazagyň kölegesinde dostlar dyz epip, dynç alyp geçýärdiler.
Nemesler bilen uruş üçin erkekleri urşa almak baradaky perman yglan edilen gününiň biirinji agşamysy obadaky maşgalalaryň

birnäçesi bir gijede gürüm-jürüm boldy, olar guma gaçdylar. Şondan soň ol mekdebe bile gatnaýan iki dostuny görmedi.
Ýagmyr öýlerine baranda-da dem-dynç alyp belmejegini aňýany üçin şol sazagyň kölegesinde oturýardy, dyzyna çöküp nepesini durlaýardy. Ol öýlerine baransoň guýudan suw çekmelidi, goýunlary güzere sürüp, suwa ýakmalydy, ondan soň atyza gidip işlemelidi. Ýagmyr kakasyny bilenokdy, ol Žüneýit hanyň toparyna goşulyp gidipdi, ol gaýdyp gelmändi, şonuň üçin hojalygyň ähli keşigi ýaşajyk Ýagmyryň gerdenine düşüpdi.
Kakasy barada onuň ýadynda hem elinde nagt galan zat ak hem gök zolakly pagtaly hywa donudy. Şol dony, ejesiniň sözlerine görä, Ýagmyryň kakasy ýörişleriň birinde alypdyr, Ýagmyr mekdebe gitmeli bolanda ejesi şol dony täzeden biçip, Ýagmyra laýyk bolar ýaly ýaňadan tikipdir.
Dury asman, maýyl howa. Oglanjyk sazak şahalarynyň arasyndan görünýän gün şöhlelerine maýyl bolup, gözlerini ýumdy. Ýöne bu ajaýyp duýgy uzak dowam etmedi. Birden onuň egnine biri elini ýetiren ýaly boldy. Bu garaşylmadyk ýagdaýa haýran bolan oglanjyk böküp ýerinden turdy. El ýeter aralykda äpet ganjyk möjegiň durandygyny Ýagmyr gördi.
Awçynyň agtygy bolan Ýagmyr gaçmagyň peýdasyzdygyna bada-bat düşündi. Kömege çagyrmaga-da adam ýok, töwerek-daşda diňe çäge bilen sazaklar bar. Wagşy haýwan bilen adam birek-biregiň gözüne seretdi, biraz wagtdan soň Ýagmyr wagşy möjekden howpuň ýokdugyna düşündi. Bir olam däl. Oglan möjegiň kömek soraýandygyny aňdy. Ene möjegiň çişip duran ýelni onuň ene süýdüne mätäç güjükleriniň bardygyny aňladýardy. Dem salym geçmänkä oglan öňki oturan çägesine çökdi, onuň aýaklary özüni göterenokdy. Möjegiň çagalarynyň ogurlanandygyny Ýagmyr çak etdi. Gumda möjekden wagşy, ondan güýçli haýwan ýok. Ol işi adamdan başga hiç bir janly jandaryň etmejegine Ýagmyr düşünýärdi. Şol adamyň atasynyň dogany, awçy agasy Sapar itçidigine ol şol bada göz ýetirdi.

***

Sapar aga türkmen itlerini köpeltmek, terbiýelemek bilen

meşgullanyp, it bilen möjegi çakyşdyrmagyň planyny düzýärdi. Şeýle çakyşdyrmadan dörän güjükleriň bahasy ýokarydy. Çopanlar hem it urşuny gurnaýjy humarbazlar pul tölemäge-de, has durnukly pul- goýun berip şeýle güjükleri almaga-da döwtalapdy.
Sapar urşa gitmedi. Ol tazy güjüklerini berip, etrap merkezindäki diýdimzor harby komissary satyn alypdy. Etrapdaky harby häkimiýetiň eesi bu töwerekde meşhur itçiniň bardygyny eşiden badyna Sapar itçiniň öýüne barypdy. Emeldar, etrapda uly işgär hasaplanýan adamy öý eesi eli boş goýbermedi. Bu hyzmaty üçin harby komissar Sapar itçini deňi-taýy bolmadyk hünäri üçin harby gullukdan boşatdy, degişli dokument berdi. Bu hormat-goldaw üçin Sapar aga komissara itden hem möjekden bolan iki güjügi sowgat bermege wada etdi.

***

Ýaş oglan Ýagmyra ene möjek ýalbarýan, bir zatlar haýyş edýän ýaly bolup göründi. Ýagmyr aga ene möjegiň şol hasratyna şu wagta çenli düşünip bilmeýär, belki, onuň başdan geçirýän duýgusyny çak bilen aňandyr. Her zadam bolsa oglan möjege kömek bermek isledi. Belki, şeýle karara gelmegine awçy atasynyň beren terbiýesi täsir edendir, kim bilýär!

***

Onuň atasy-Gaýyp gapançy Ýagmyryň kakasy Sowetler bilen göreşe girip, ýitirim bolandan soň agtygyna terbie berip başlady, onda ähli janly jandara söýgi döretmegi başardy. Şeýdip Gaýyp ata onuň terbiýeçisi hem halypasy boldy.
Gojanyň bir gapany bardy, ol uly däldi, şonuň bilenem aw awlaýardy. Şonuň üçinem oňa gapançy lakamy berlipdi. Goja iýmit üçin haýwanlary awlamaýardy. Biri tebibe aşgazandaky yzany aýyrmak üçin kirpiniň bagryny haýyş etse, ak patyşanyň ofiserleri derisi üçin tilki ýa şagal awlamagy buýurýardy. Alaka, segawy, towşan buýurýanlaram bardy. Onuň zähmeti üçin her kes öz mümkinçiligine görä töleg edýärdi- biri towuk berse, başga biri pul töleýärdi.

Goja gapan gurmagy agtygyna öwretdi. Dürli haýwanlary awlar ýaly ululy-kiçili gapanlar edinerden Gaýyp aga garypdy. Ýagmyr haýsy haýwan üçin atasynyň mekirlik bilen gapan gurşuny bilýärdi.

Çägäniň üstünde aýbogdaşyny gurup oturyşyna goja:

– Düşünýärmiň, oglum, men duş gelen ýerde gapan gurmaryn, hatda towşanlaryň gatnaýan ýodasynda-da möjegiň ýa şagalyň gapana düşmegi mümkin. Men gereksiz wagty şol haýwanlary näme üçin öldüreýin ýa maýyp edeýin? – diýerdi.

Gapanyň zynjyryna bir gulaç agaç daňylgydy. Ýagmyr gapana düşen haýwanyň gaçyp ýa sypyp gitmezligi üçin şol agajy ýere gömer diýip pikir edýärdi. Agtygynyň bu çaklamasyna goja dişsiz agzyny bir geň-enaýy açyp ýylgyrdy.

– Ýok, Ýagmyrjan! Tersine, her bir haýwanyň öz hinine ýetmegini isleýärin. Eger ol öz sürenine ýetmese ýa gowagynda gizlenmegi başarmasa, öz aýagyny gemrip, gapandan halas bolar, ýaraly halyna gaçyp gidip, betbagtçylyga uçrar. Ony özünden güýçli başga bir haýwanyň gemirmegi mümkin. Şonuň üçin men taýagy gapanyň ýanynda daňýaryn. Gapana düşen haýwan gapany süýräp gider, öz sürenine girer, ýöne taýak gowagyň agzyna kese bolar. Ana, şonda men  sürene baryp, jandary diriligine ele salaryn.

Atasynyň danalygyna Ýagmyrjyk hemişe haýran galardy.

Sapar aganyň ýalňyz öýi uzakdan salgym atyp görünýärdi. Bu ýerde öýleriň arasy biri-birine golaý däldi, her kim özbaşdak, ýat gözden daşda ýaşamak isleýärdi. Goňşular arasynda towuklar erkana gezýärdi, çagalar oýnaýardy, agşamlaryna ýaşulular jemlenip, özara gürrüň ederdiler, toýlar tutulardy. Dünýäsini täzelän bendäni ahyrky ýoluna ugradardylar.

Ýagmyr agasynyň howlusynda hiç kim ýokdur, möjek çagalaryny kynçylyksyz alyp çykaryn diýen umyt bilen barýardy. Sapar aganyň itleri Ýagmyry gowy tanaýardy. Şonuň üçin olaryň üýrmejegine ynamy bardy. Ol öe golaýlanda, ýandagyň içinde ölüp ýatan möjek çagasyny gördi. Doglanyna üç-dört gün bolan güjük haltada getirilende demigip ölen bolara çemeli. Ýagmyr şu ýerde ene möjegiň hasratyna, güjügini agasynyň ogurlandygyna düşündi

Ýagmyr howla syn etdi. Hiç kim görnenokdy. Ýöne tamdyryň aňyrsyndaky agasynyň it ýatagyndan möjek çagalarynyň zaryn sesini eşitdi.
Ol örme toruň içinde üç sany ýumak bolup ýatan möjek çagalaryny gördi. Olary gujagyna alyp, Ýagmyr bu ýerden ökjäni göterdi. Güjükler  çyňsamasyny goýdy, oglan guma tarap aýak aldygyna gaçyp barýardy. Onuň demi demine ýetmese-de, säginmekden, yzyna seretmekden heder edýärdi.
Ahyrsoňy özüne tarap okdurylyp gelýän ene möjegi gördi. Ol ýadawlykdan agyr dem alyp, çägä çökdi. Möjek çagalary bir geň enaýy çyňsaýardy, ene möjek olary ysgap, oglana aýratyn bir nazar saldy. Oglan möjegiň gözünde minnetdarlyk gördi, ýöne dördünji güjük nirede?  Möjek  çägä çökdi, açlykdan halys surnugan güjükler onuň ýelnine agzyny basdylar. Enäniň çagalaryny naharlamagyny pynhan iş hasap eden Ýagmyr gapdala çekildi. Ol arksyny çagalaryna süýt emdirip ýatan möjege öwrüp oturyşyna çagalarynyň saglygy, abadançylygy üçin enäniň nämelere ukyplydygy barada oýlandy. Birdenkä-de Ýagmyr özüni ejesiniň gözleýändigi, özi barada alada edýändigi dogrusynda pikir etdi. Ol diňe şu wagt sowuk şemalyň öwüsýändigini, bulutlaryň goýalýandydygyny duýdy. Diňe häzir sowuk ýeliň öwüsýöndigini, asmany gara bulutlaryň gaplap alandygyny duýup galdy.
Birden arkasynda şygyrdylar, haýsydyr bir hereketler başlandy. Ene süýdünden ganan güjükler biperwaý birek-biregi bilen oýnaýardy. Ene möjek çagalarynyň birini agzyna dişledi, Ýagmyr beýleki iki möjek çagasyny gujagyna aldy, ene möjegiň yzyna düşdi. Ep-esli ýöränlerinden soň gür jeňňele girdiler. Ýagmyr çygly gum tümmegini gördi, ene möjek Ýagmyr çagalarynyň yzyndan gidip gelýänçä täze süren gazypdyr. Bu  oglanjygyň özüne kömek ejegine, çagalaryny getirjegine möjegiň ynanandygyny aňladýardy. Ýagmyr güjükleri ýere goýberdi, olar enesiniň yzy bilen täze gazylan hine girip gitdiler.
Ýagmyr näme üçindigine özi düşünmemese-de, ýaňy güllän ýylgyn şahasyny döwüp aldy. Belki-de atasynyň sapaklarynyň birini özleşdirip, häzirki möjekli ýeri bellemek isländir? Şol pursat gök gürläp, ýyldyrym çakdy, yzyndanam buz ýaly çapgynly ýagyş

ýagdy.
Soňky bolup geçen wakalaryň täsirinden hem ylgamakdan halys ýadan oglan dyzyny epdi. Ol öýlerine gelýärkä sandyrap başlady. Sandyrama  sowukdanmy ýa gorudan, kim bilýär! Ol şu günki eden işiniň indiki netijesi barada oýlanyp ugrady. Eger gaharjaň hem diňe öz diýeni bilen ýaşaýan agasy möjek çagalaryny kimiň ogurlandygyny bilse, Ýagmyryňam, onuň ejesiniňem dat gününe! Diri galdyrsa hoş bolaýmaly.

***

Ýagmyr öýlerine alasarmyk ýagdaýda geldi.
Ejesi hiç zat soraman, endamyny süpürdi, tenine kerosin çalyp, goýun derisinden edilen içmege dolap, keçäniň üstünde ýatyrdy. Şondan soňky geçen üç gün onuň ýadynda ýok. Ýöne her sapar ejesiniň çalýan kerosinininiň ysy aňyna ornady. Däri-derman, lukman o döwür ýokdy. Eger sowuklasaň, gyzgynyň galsa, teniňe kerosin çalyp, seni ýyly zada dolap ýatyrardylar. Eger içki organlaryňda bir dert tapylsa, çaýa ezilen göknar ýa tirьýek içirerdiler. Derdi gaty agyr bolsa, adamlar tebibe barardylar. Tebipler keseli bejermek üçin ýerli ösümlikleri, olaryň güllerini hem tohumlaryny ulanardylar. Eger tebip derdiň göz degme bilen baglydygy barada karara gelse, onuň okalýan öz aýatlary bardy. Burç hem üswent ýaly beýleki ysly ösümlikleri tütedýärdiler. Ýöne ata-babadan gelýän bu bejergiler hemişe nähoşa kömek berip durmaýardy.  Dertden gutulmak üçin başga bir alajam ýokdy.
Ýagmyry aýak üstüne galdyrmak tebipsiz bu sapar ejesine başartdy. Ol özüne gelensoň, gyzyl burçly unaş berdi. Her näçe ajy hem gyzgyn bolsa-da, ol ýüzüni kürşerdip, unaşy içýärdi. Ol süýji ter gawuny hem gawun kakyny gowy görýärdi. Ýöne atasy «süýji zat senden erkek adam ýasamaz» diýýärdi. Kiçijik erkek şol sözleri ýatlap, burçly ajy unaşy içýärdi. Ýagmyr gyzgynyň derdinden özüni belmän, samrap ýatan günleri Sapar agasy bilen ogurlanan möjek çagalaryny ýatlady. Şolaryň gürrüňini etdi. Obada bolsa janyny howp astyna goýup, ogurlap gelen möjek çagalarynyň gürüm-jürüm bolmagyna Sapar itçiniň däli–porhan

bolandygy barada gürrüň edýärdiler. Ýagan güýçli ýagyş hem çapgynly şemal   yz çalmaga, ogurlyk edeniň kimdigini anyklamaga oňa mümkinçilik bermeýärdi. Barybir Sapar rahat oturyp bilmedi, Ertesi palçy Maral ejäniň ýanyna ugrady. Ol etrap merkezinde ýaşaýardy, doga-tumar etmek, gyz-gelinleri dogalamak işinde özüni tanadan zenan hökmünde tanalýardy. Şonuň üçinem Ýagmyryň ejesi uly alada galdy.

Möjek çagalarynyň ýitirim bolmagyna oglunyň gatnaşygynyň bardygyny ene çaklaýardy. Şonuň üçinem Ýagmyr aýak üstüne galandan soň beýleki bir palçy Maral palçynyň ýanyna barmak kararyna geldi. Onuň ýürek dilegi birdenkä ogluna nälet edilen bolsa, ondan Ýagmyry halas etmekdi.

Ýagmyr şol gün bolup geçen wakalary jikme-jigi bilen ejesine gürrüň bermeli boldy. Onuň palçynyň ýanyna gidesi gelenokdy. Gaýyp baba «heleý gürrüňlerini» hem palçylyk ýaly biderek işlere ynanmag-a beýlede dursun, olary ýigrenýärdi. Ol agtygyna beýle bolar-bolmaz işlere ynanmazlygy neset edýärdi.

***

Bir gezek atasy bilen çaý içip otyrkalar her hili gudratlara, bolup geçýän geň-taň ýagdaýlara adamlaryň ynanyşy barada gürrüň gitdi. Ol tahýasyny eline alyp, syrylan kellesiniň derini ýaglygy bilen süpürip, hemişe aýdýan sözüni gaýtalady: «Eger sen ynanmasaň, ol seniň çeýnejek çöpüň däldir. Biz musulman, ýöne yslamdan öňküleriň, otparaz ata-babalaymyzryň oýlap tapan düzgünlerine-de uýmaly bolýarys».

Ýagmyr Patma palçynyň ýanyna getmek islemedi. Ýöne aşa gorkan ejesiniň göwnüne degmezlik üçin bu ýumşy ýerine ýetirmäge mejbur boldy. Ol ene möjegi ýatlady: « Ol maňa ynanyp, adama ynanyp bolmaýandygyna garamazdan, öz çagalaryny halas etdi». Ýagmyr şol pikiri hem eden hereketleri bilen, ýanynda blmasa-da, hyýalynda ilkinji gezek atasynyň garşysyna gitdi.

***

Şol bir wagtda Sapar itçi Maral ejäniň huzurana bardy. Edil şol wakanyň öň ýany onuň durmuşyny çepbesine çöwren waka bolup

geçdi. Ol etrap merkezine ýetiberende öňünden harby komissarlygyň wekili çykyp, urşa ugradylýandygy baradaky haty gowşurdy. Olar biri-biri bilen tanyşdy, wekil komissar bilen Sapar itçiniň öýüne gelipdi. Komissaryň ýerine gelen leýtenant itçiligiň uly bir strategik ähmiýetiniň ýokdugyny aýdyp, urşa soldatlaryň gerekdigini nygtady.
«Ýakyn-ýadyň bilen hoşlaş, iki günden Amyderýanyň kenaryndaky Lawak güzerine gel, şol taýda urşa gitmeliler ýygnanýar» – diýip, wekil aýtdy.
Itçi: «Mende bron bar-a» diýip, garşy çykmak isledi.
«Komissaryň özüni bir aý mundan öň urşa ugratdylar, sen näme, eşitmediňmi? » diýip, komissarlygyň wekili aýtdy.
Başga çäre ýok, Sapar gelen wekiliň depderine bellik edip, çakylygy kabul edýändigini tassyklady hem aýdylan wagt bellenen ýere barjakdygyny aýtdy. Şol bir wagtda-da Sapar bu ýere näme üçin gelendigini ýadyndan çykarmady, palçynyň öýüne tarap atyny sowdy. Onuň täze bir bilen zady bolmady. Maral eje diňe ýakyn adamlaryň biriniň şol ogurlygy edendigini aýtdy. Sapar: «Bu şeýledir, eger ýat adam gelen bolsa itler üýrerdi» diýip oýlandy. Ýöne daşyndan hiç zat aýtmasa-da, palçynyň ogra jady etmegini, ony jezalandyrmagyny isledi. Bu iş oňa başartdy.
Ýarym günlük ýol bilen Sapar yzyna gelýärkä, uruş barasynda oýlandy. Ol gorkak ýa namart däldi, uruş endigi bardy. Ol birnäçe ýyl mundan öň Jüneýit hanyň toparynda Sowetlere garşy söweşipdi.
Ol Hywanyň eýelenilşini, Dörtgülüň basylyp alnyşyny ýatlady. On bäş ýaşly ýetginjek wagty ilkinji gezek söweşde özüne tüpeň hem bedew at edinipdi. Ol gyzyllar bilen atyşykda wepat bolan uly doganyny ýatlady. Ol şol söweşi gözi bilen görmändi. Bedirkent obasyndan gumuň içi bilen ýaraly doganyny alyp gitmek mümkin däldi, boş duran atam ýokdy. Olaryň yzyndan bolьşewikleriň uly topary yzarlap barýardy. Sapar agasynyň ýarasyny daňdy, agasyna tüpeň, dört sany ok hem bir meşik suw berdi. Amanadyny tabşyryp başlan adama başga hiç zat gerek däldi. Doganlar birek-birek bilen hoşlaşdylar.
Ertesi irden Jüneýit han Sapary ýanyna çagyrdy.

– Seniň kakaň barada gowy zatlar eşitdim. Seniň doganyňyň nähili söweşenini gözüm bilen gördüm. Onuň jaýy jennetden bolsun. Seniňem neneňsi esgerdigiňi bilýärin. Seniň ýene doganlaryň, ogullaryň barmy?  Agaňdan ogullar galdymy?
– Ýok, mende başga erkek doganam, ogulam ýok, ýekje gyzym bar. Doganymyň iki ogly bilen bir gyzy bardy, olardan diňe Ýagmyr galdy, beýlkilerini hudaý ýygnady
– Elbet-de, bu işler biribaryň emrine bagly. Men seniň öýüňe dolanmagyňy isleýärin. Şeýle maşgalanyň tohumynyň tükenmegini islämok. Sen heniz ýaş, sen çaga öndürmeli, ogullaryňy ösdürip ýetişdirmeli, olary terbiýelemeli. Olara nähili söweşler edendigimiz barada gürrüň bermeli. Belki, biz görmesegem, kapyrlaryň topragymyzy taşlap giden gününi şol çagalar görer. Häzir bir gyşlamaga gideris, hudaý nesip etse, baharda ýene dolanyp geleris, ýene görşeris.
Sapar şeýle agyr ýagdaýda goşuny taşlap gitmek islemedi. Ýöne ululy-kiçili türkmen tirelerini birleşdirmegi başaran, Hywa hanlygyny dyza çökeren, bolьşewikler bilen köp ýyllap söweşen abraýly türkmen serdary Jüneýit hanyň sözüni Sapar inkär edip bilmedi. Maslahata boýun boldy.
Uruş başlanmazdan üç ýyl öň Jüneýit han hakykytdan-da şol ýere dolanyp geldi, emma Saparyň ýaşaýan ýerine ýetip bilmedi.
Şol günüň säheri Jüneýt han Sapar bilen bilelikde ýene bir oglany öýüne ugratdy. Ol Ýusup degirmençidi. Olam şol obaly harazçynyň ogludy, atlaryny hem degirmenini elinden alany üçin ol bolьşewiklerden aryny alypdy. Iň erbet ýeri gurply, ynsana «ýüzüň üstünde burnuň bar» diýmeýän pukara bendäni ýygnadylar, ol gaýdyp görünmedi. Dolanyp öýüne gelmedi.
Germaniýa bilen uruş başlananda, şol ýagdaýlar ötri Ýusup Sowetleriň tarapynda uruşmak islemedi hem maşgalasy bilen guma gaçdy. Saparam bile gitmäge çagyrdy, ýöne Sapar urşuň özüne dahylly däldigine ynanýardy. Ine, indem ol fronta gitmeli, öz süýtdeş doganyny öldüren adamlaryň ýerine söweşmeli.
Ol bu pikirleri, ýatlamalary barasynda kakasyna – Ýagmyryň atasyna hoşlaşmaga baranda gürrüň berdi. Ol Jüneýit hanyň toparyndan gaýdyp gelenden soň dünýä inen üç ogly barada alada etmegi, olara göz-gulak bolmagy haýyş etdi. Bu gürrüňi atasy

agtyklaryna Sapar urşa gidenden soň gürrüň berdi.

***

Ýagmyryň ejesi nan ýapyp, ony öz eli bilen goýun ýüňünden dokan horjunyna saldy. Çöregiň ýanyna iki bölek nabat bilen çaklaňja mata kesindisini goşdy. Ol palçy üçin sowgatdy. Ertesi goňşularynyň eşegini diläp alyp, Ýagmyr bilen artlaşyp, Patma palçynyň öýüne ugradylar. Ýol ugruna ejesi Ýagmyra Patma barasynda gürrüň berdi.
Onuň o dünýä aýagyny sallap barýan adamlary dogry gelen ajaldan halas edişi, her hili ynsan syrlaryny aýan edişi barada söhbet etdi. «Patma ýaş wagty şol töwerekde iň owadan gyz bolupdy. Tegelek ýüzli, akýagyz, ýaňaklary gyrmyzy reňkli gözeldi. Onuň dişleri hünji ýalydy, aklygyndan lowurdap durardy. Jöwher bilen bäsleşýärdi. Baý maşgalalardan sawçylyga gelselerem, Patma durmuşa çykmady. Aýtmaklaryna görä, oňa biribar tarapyndan berlen ukyp ony ýeke-ýalňyzlyga mejbur edipdir».
Ak saçly kempir alty ganat ak öýde, ak keçäniň üstünde otyrdy. Ýüzüni bir görseň saga, ýene bir seretseň çepe öwrüp bir zatlar samraýardy, gözlerini käte süzýärdi, käte-de ýumýardy. Oglanjyk Patma palçynyň hakykatdan-da sadap ýaly ak dişlerini ýanyp duran oduň ýagtysynda gördi. Ýagmyr uka giden ýaly boldy. Ol düýşünde ýene-de ene möjegi gördi. Ýöne onuň agzynda dört sany päki ýaly dişiň ýerine üçüsi bardy. Birdenem şol dişler möjek çagalaryna öwrüldi….
Ýarym uky halynda oglan ejesine palçy garry kempiriň sesi bilen aýdýan sözlerini eşitdi:
– Men elimden gelenini etdim. Ýöne gaty güýçli doga edilipdir, onda-da on dördi gijäniň aýynda edilipdir. Oglana şu dogany berýän, ol ony herki bela-beterden gorar, oňa kömek eder – diýip, Patma palçy oglanyň eline alaja daňdy. Oglan ony tä goşuna barýança elinden aýyrmady. Harby gulluga baranda bir ofiser itiň pohuna degmeýän bu biderek zady aýryp taşlamagy höküm etdi. Ol ors dilinde gygyrýardy, türkmen obasyndan çykan oglan ofiseriň aýdýan sözleriniň ählisine düşünenokdy. Onuň

soňky iki jümlesi sowet goşunyna alnan oglana düşnükli boldy, ol sözleriň manysyna akyl ýetirdi. Täze goşuna alnan oglan nämäniň özünden isleňýändigine düşündi.
– Bu zatlary ejemiň belmeýänem bir gowy zat-diýip, Ýagmyr oýlandy.
Goşun gullugyndan gaýdyp gelen Ýagmyr Porsy obasyndan Kümüş atly gyza öýlendi. Daşgyn garyndaşynyňka ejesi sawçylyga gidipdi. Dokuz aýdan soň olaryň perzendi dünýä inmelidi.Her bir ata ogul dogulmagyny isleýär, ýöne Ýagmyr öz çagalaryna wepaly, olary jany-teni bilen söýýän ene möjek ýaly gyzynyň dünýä inmegini isledi.
Kümüş dogrudan-da gyz dogurdy. Iň aýylganç ýeri ol bäbegi ilkinji gezek emdirende çagajyk düwnügip öldi. Ýerli lukman çagada tebigy ýetmezçiligiň, ýuwdunmaga päsgel berýän möjek agzynyň bolandygyny tassyklady. Şol wagta çenli saçy çalaryp ugran Ýagmyryň ejesi bu gürrüňlerden soň çap-çal boldy, diňe bir saçy däl, gaşy-kirpigide –de bir günde gar ýaly agardy.
Kyrk gün geçenden soň ol gelni bilen «üç ýüz altmyşa» zyýarata gitdi.

***

Ýagmyr aga gaty ýadady. Mellekde kätmenini taşlady. Agşam şamlyk golaýlap gelýärdi, öe dolanmaga wagt ýetipdi.
Ýagmyr aganyň ýedi çagasy – iki gyzy bilen bäş ogly, bir giden agtyklary bar. Ýöne goja ene möjek bilen duşuşygy, ondan soňky bolan wakalar barasynda hiç kime gürrüň bermändi, ol şu wagta çenli şol wakanyň gabat gelmesi ýa başga bir gudratdygyna düşünip bilenok.

***

Agasy urşa gidenden birnäçe gün geçensoň kiçijik Ýagmyr soňky gezek ene möjegi hem onuň güjüklerini gören ýerine ugrady. Ol öz eli bilen döwüp taşlan ýylgyn şahasyny gördi, ol gurap galypdyr, pürleri düşüpdir, ýöne möjek hinem, olaryň yzlaram ýok.
Agasy Sapar uruşdan söweşleriň güýçli gidýän wagty maýyp bolup

geldi. Gögüş reňkli harby geýminden asylyp duran medallar, ylaýta-da «Edermenligi üçin» diýen medal obadaşlarynyň gözüne ildi, uly täsir galdyrdy. Her näme diýseňem Sapar aga gahrymandy.
Agasy uruşdan sag-aman dolanyp gelenden soň möjek çagalaryny kimiň ogurlandygy bilen frontçy gyzyklanmady, hut şu ýagdaý oglany begendirýärdi. Barybir itçilik işini frontçy dowam etdirdi. Sapar aga hiç kim bilen gürleşmeýärdi, diňe özbaşyna öz işi bilen gümrady. Goňşulary, köne tanyşlary, dostlary bilenem gürleşmeýärdi. Bar bilýän zady itlerdi.

***

Bu uzak ömrüni gumda geçiren Ýagmyr aga bilen bagly bolan wakalaryň ýekeje biri.

Farid TUHBATULLIN.

Terjime eden Rozynazar HUDAÝBERDI. Taryhy proza